1-synpa okuwa kabul etmek boýunça soragnamasy 1-wariant

1. Adyň, familiýaň name?

2. Näçe ýaşyňda? Haçan doguldyň?

3. Nämeleri halaýarsyň:surat çekmegi,oýun oýnamagy,goşgy okamagy?

4. Nähili ertekileri bilýärsiň? Birini aýdyp bilýärsiňmi?

5. Sen näçe ýaşyňda çagalar bagyna bardyň?

6. Ata-eneň ady name?

7. Öyüňizde näçe adam ýaşaýar?Olar kimler?

8. Gyşda howa nähili bolýar?

9. Haýsy pasylda agaçlar ýaşyl bolýar?

10. Öýüňizdäki zatlary sanap ber.

11. Eger gün batsa, näme bolýar?

12. Adam suw içmese, näme bolýar?

13. **Ç**orek nähili taýýarlanýar?Nireden gelýär?

14. Sen ir bilen näçede oyanýarsyň?

15. Mekdebe näme üçin baryarys diýip, pikir edýarsyň?

16. Mugallym kim?Ol näme iş edyär?

17. Bäş barmagyňy görkez.Haýsy biri uly,haýsy biri kiçi?

18. Sanamagy bilýärsiňmi?10- a çenli sanap ber.

19. Eger gowy görýän oýunjagyň döwülse, näme edersiň?

20. Eger dostuň aglaýan bolsa, sen näme edersiň?

21. Her gün näme iş edyärsiň?

22. Haýsy reňkleri bilýärsiň? Iň gowy göryän reňkiň.

23. Terbiýeçi kim?Ol näme edýär?

24. Haýsy haýwanlary gördüň? Haýsy birini halayarsyň?

25. Eger saňa kitap berilse, ony nähili saklajak?

*Öýde terbiýelenyän çagalara basga kesp hakynda sorag bermek mümkin.

1-synpa okuwa kabul etmek boýunça soragnamasy 2-wariant

1. Adyň, familiýaň name?
2. Näçe ýaşyňda?
3. Öý haýwanlaryndan haýsylaryny bilýärsiň?
4. Öý guşlaryndan haýsylaryny bilýärsiň?
5. Haýsy haywanlary ýa-da guşlary gowy görýärsiň we näme üçin?
6. Bahar hakynda aýdyp ber.
7. Tomus paslynda haýsy miweler,gök önümler we palyz ekinleri bişyär?
8. Swetoforyň näçe reňki bar?
9. Ýagyşdan soň asmanda çykýan älemgoşaryň reňki näçe hili bolýar ? Reňklerini aýdyp ber.
10. 10 - a çenli sanap ber. Indi tersine sanap ber.
11. Garpyz bilen gawunyň parhyny aýdyp ber.
12. Transport görnüşlerini aýdyp ber.
13. Haýsy transport görnüşleri uçýar?Olar haýsy wezipäni ýerine ýetiryär?
14. Hepde günleriniň adyny aýdyp ber.
15. Gündiz we gijanin arasynda nähili tapawut bar?
16. Öz maşgalaň hakynda aýdyp ber,öýde näçe adam ýaşaýar?
17. Kakaň we ejeň nirede işleýär,iş jaýyny aýdyp ber.
18. Öý işlerinde ejeňe kömek berýärsiňmi?Haýsy işlerini bejeryarsiň?
19. Ýatdan bilýän goşgyňy aýdyp ber.
20. Haýsy şekilleri bilýärsiň? Tegelek,kwadrat,üçburçlyk,dörtburçlyk şekilleriniň tapawudyny aýdyp ber.
21. Eger dostuň aglaýan bolsa, sen näme edersiň?
22. Eger ýolda nätanyş adam saňa sowgat berse näme edersiň?
23. Ýakyn dostuň hakynda aýdyp ber.
24. Haýwanlaryň ýaşaýan ýerini aýdyp ber.
25. Aşakdaky sözleri näme üçin gerekligini düşündirip ber:galam,otyrgyç,öý,çyra.Galam bilen näme edilýär?Otyrgyç nämä gerek?